# Tilki bilen Alaka

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Tilki bilen Alaka TILKI BILEN ALAKA

"Hasanaklap nirä barýañ, gudajan?" –
Bir alaka sorag etdi tilkiden.
– "Paraçy diýp gyraklandym, jorajan,
Täze habar, eşden dälsiñ belki sen.
Sen bilýänsiñ, men ketekde sudýadym,
Agyr işe, kyn zähmete çydýadym,
Doýarlyk zat iýmezdim,
Gije uky diýmezdim,
Eñkim agdy, ýitirdim men saglygym,
Ahyrynda ynha alan aklygym.

Hemmesi töhmet
Hany özüñ pikir et:
Eger töhmet bolsa häkim,
Özüñ aklap biljekmiş kim?

Para alyp dälimi men?
Tassyklarsyñ, beletsiñ sen.
Pugta oýlan, dostum, men hiç ýol bermen,
Beýle işiñ gyrasynda görünmen".
"Ýok, daýzajan, görýärdim men her zaman
Agzyñy ýagjardyp gezýärdiñ heman".

* * *

Käbirleri uludan bir dem alar,
Iñ soñky manadyn sowýan dek bolar.
Dogrudan-da aýalynda, özünde,
Hemme bilýär, hiç zat ýok el ýüzünde,
Birden görseñ, öz başyna öý salýar
Ýa-da bir obany ol satyn alýar.
Däldir girdejisi uly.

Nirden tapýar munça puly?
Sud öňünde subut etjek miltiň ýok.
Emma welin aýtman durup bolanok.

Iwan KRYLOW. Goşgular